# Ýedi müñ çakrym: Şam ilinde

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýedi müñ çakrym: Şam ilinde



*«Çyn-Maçynda, Rumda, Hindde, Hebeşde*
*Bolan-bolmuş hünärleri bildim tut.»*
***Magtymguly Pyragy***

- **ŞAM ILINDE**

«… Görsene, Ýaradanyň gudratyny. Ýalançyda näçe ýol-ýurt, ynsan bar, emma hiç biri ikinjisine meňzemez. Şol ülkeleriň sany bir durşuny saklaýanda-da, eýýäm az salymdan olaryň ilatynyň kemelip ýa artany bardyr. Könelen jaýlaryň durky täzelenendir ýa-da olaryň ýerinde täzesi gurlandyr. Köki guran daragtlar ýeliň ugruna ýykylyp, täze nahallar şineländir. Ýollaram edil şonuň ýaly: şu gün külterlän ýodaň ertir eýýäm öňki geçeniň däldir. Iň bolmanda, sataşýan ötegçileň başga

bolar. Bu ahwallaryň bir sapaga düzülmesi – ine, hakyky Gudrat!
Ýokdan bar eden Taňrydan bidin çöp başy gymyldamaz. Maňlaýyňa ýazylanam el bilen düzedip bolmaz. Yöne Yaradanyň «Bendäm bendäme sebäp» diýen hak sözi bar ahbetin. Diýmek, ykbalyňy öz eliň bilen düzedip bolmaýany şeýle bir eýmenç zadam däldir, görüp otursaň. Töweregiňdäkilere hemaýatyňy ýetirip bilseň, onda dünýäni düzedibem, bakyýetden öňki synag meýdançasy bolan ömrüňi öz isleýşiň ýaly ýaşabam bolýan bolmaly. Onda ýazgyt näme? Belki ol aýdylyşy ýaly gutulgysyzam däldir? Belki-de…»
Şu oýlanmalardan aýňalan ýigit indi hasaplap görse, Gurtmyrat ikisiniň Damaska gelip düşenine ýyl ýarym geçipdir. Kakasy Gurbanýaz argyşçynyň Kerkukdan yzyna uzak Arkaçdaky Mehin obasyna dolananyna bolsa, eýýäm iki ýyldanam köpräk wagt ötäýen eken. Ondan bäri dostlar ýaşaýan ýerlerini üç gezek täzelediler. Argyşçynyň kerkukly Nurguly bege tabşyryp giden oglanlarynyň ählisi ilki Bagdadyň medresesinde ders aldylar. Mundan soň Sähet bilen Gurtmyrat Resul haja duşup, Damaska gaýdarman boldular. Oglanlara göz-gulak bolmaly Nurguly aga-da tatar ýaşulusyny juda gowy tananlygy üçin olaryň raýyny ýykmady. Harjyny üpjünläp, ýola saldy.
Hor-homsurak maşgalalara hemaýat bermegi, aýratyn-da, bilim ojaklaryna howandarlyk etmegi ýol tutunan tatar ýaşulusynyň tüçjar baý kişidigi mesaňa-mälimdi. Il aýtmyşlaýyn, ol ýaşka soltanyň gizlin tabşyryklaryny berjaý eden ekeni. Ýat ülkeleri söken, köp gowgany başyndan geçiren gerçek kişi bolanmyşyn. Käbir adamlar Resul hajynyň soltanyň köşgüne häli-häzirlerem arkaýyn girip- çykýandygyny aýdýardylar.
Bu gürrüňleriň jany bar bolmaly. Agyr döwletiň haýsy künjegi bolaýsyn, hajy aganyň ýüküni çeken kerwen birjigem eglenmezdi. Beýle abraýy berim-peşgeş bilen alyp bolmajagy bellidi. Yöne onuň Bagdatdaky medresä gelip, öz ýanyna ala-böle Gurtmyrat ikisini çagyrmasynyň sebäbine Sähet birbada düşünmändi. Nähili düşünjek? Bu ýere okuwa ugradylan oglanlaryň hemmesem ozal molla gatnan, metjit-medrese gören oglanlardy.
Sähediň aram-aram nämäniň pikirini edýänini eşiden Gurtmyradyň jogaby nagt boldy:

– Päheý-de welin, ýagşy-da bir kelle döwere zat tapdyň! Nämäniň pikirini edýäň, dost? Bärik gaýtmagymyzyň sebäbi seniň kitaphonlugyň ahyryn. Medresäniň derslerine degişlimi-dälmi, tapan kitabyňy çöplediň ýördüň. Ikimiziň hüjrämizde kitapdan ýaňa ýer-jaý galmady. Şol gidişiňi sypdyrmadyk bolsaň, ýatak jaýymyzy ýunanly- pereňli alymlara tabşyryp, goňşy hüjrä göçäýmeli bolardyk…
Soňky ýyl ýarymyň içinde Nurgulynyň inisi Suhanguly oglanlaryň yzyndan iki sapar gelip gitdi. Damaska söwda-satyga gelýänlerdenem häli-şindi hat-habar yollanyp, Gurtmyrat ikisiniň halyndan habar alyndy durdy. Şonuň üçinem olar bu yerde Kerkuga çenli bile gelen yoldaşlarynyň nirede bolýandyklaryndan hemişe habarlydylar.
Resul aganyň şäheriň çetindäki bag-bakjaly howlusynda hemişe iş gaýnap joşýardy. Kim düýrlengi golýazmalary täzeden göçürip otursa, kimsi olary kesip, rejeläp goýýardy. Bir yerde sahypalar birin-birin waraklanyp tikilen kitaplara daşlyk geýdirilse, beýlekisindevdaşlygyň ýüzüne kitabyň adyny keşdeläp ýazýardylar. Bu işler täze gelenler üçin juda täsin pişedi. Kitabyň dünýä inmegine sähelçe dahyly bolan adamlary hem Sähet öz hyýalynda ýüzleri hemişe gülüp duran, nurana, perişdesypat keşpde göz öňüne getirerdi. Emma bu metbedäkiler horaşaja geýnüwli, gün-güzeranyny zordan aýlaýan, ýönekeýje adamlar eken. Olaryň içinde Sähediň hyýalyndaky kitapçylara çalym edýäni Resul hajynyň ýeke özüdi. Ýöne hajy aga aram-aram ýitirim bolup, käýarym aýlap hem gara bermezdi. Şeýle ýürekgysgynç günlerde Gurtmyrat ýekesiräp, dostuny dürtekläp ugrardy:
– Biziň bu günümiz-ä çydar ýaly däl, dost. At çapyşygyna tomaşa etmekden-ä geçdik welin, iň bolmanda it urşuny bir görkezseler-dä. Nähili içgysgynç millet-äý bular?! Şu howludakylaryň gulaklarynam pos tutup gitdimikä diýýän.
Resul hajy ýaşlaryň ýykgyn edýän ugurlaryny aňansoň, medresedäki derslerini gutardyklary, ikisinem öz ýany bilen bazara alyp gitmäni çykardy. Hajy aga, köplenç, Sähedi kitap dükanynda galdyryp, Gurtmyradam mal bazaryna aýlardy. Ahyrsoňy tatar ýaşulusy bu dükany ýöretmegi öýdeniçerine ynandy. Bu

döwre çenli Sähet dükandaky kitaplary uçdantutma okap çykyp, gelýän müşderilere gerekli kitabyny saýlaşmaga kömekleşip ugrapdy.
Biraz wagtdan Gurtmyrat üçinem şol syrgynyň ugrundan matamarlyk, şaý-sep dükany açylyp berildi. Dostlar ýene-de biri-biriniň golaýyndalygyna begenselerem, Gurtmyrat öz işindenem, durmuşyndanam nägiledi.
— A-how, Sähet, sen nähili jemende-aý? Kitap bolsa besdir, saňa dost-ýaram gerek däl öýdýän! Meniň görýän günümiň duranja bir güzapdygyna düşünesiňem gelenok… Wa-ah-h, depä çykyp läle kakýan, ýüzleri açyk gyzlarymyzyň gurbany bolsaň-da!… Aý, ýoklaý, çyd-dar ýaly däl!
Sähet dostunyň tükeniksiz zeýrenjine halys öwrenişensoň, diňe ýylgyraýýardy.
Kitap dükanyny arap ýigidi Salyh bilen iki bolup ýöredýänem bolsalar, müşderileri kabul edýänem, ugradýanam Sähetdi. Geçen aýlaryň içinde hemişe diýen ýaly arapça gürleşen Sährediň dili ýenjilip, çalgyrt gürlemesem galdy. Ol Salyhdan öz hojaýynlary barada köp zatlary, onuň Damaskda iki howlusynyň bardygyny, birinde başdaş tatar aýalynyň, ikinjisinde arap aýalynyň ýaşaýandygyny eşitdi. Salyh Resul hajynyň ozal ispan aýalynyňam bolandygyny, onuň garahassalykdanmy ýa-da ýaş üstünden aradan çykyp, yzynda galan gyzynyň bolsa hajy aganyň başdaş aýalynyňkyda terbiýelenýändigini gürrüň berdi. Iki-üç ýaşynda Ispaniyadan Şama getirilen şo gyzjagaz häzir bu ikisiniň deň-duşy bolmalydy.
Sada arap yigidiniň geň waka hökmünde berýän gürrüňleri Sähedi o diýen geňirgendirmedi. Ol kitap dükanyna käýarym gelýän ýewropaly müşderilerden Ispaniýada ýaşaýan musulmanlaryň hem az däldigini eşidipdi. Salyhyň gözüni tegeläp adyny tutýan, juda uzakdadyr öýdýan ýurdunyň karta seredeninde ol diýen daşam däldigine göz ýetirmek bolýardy. Muňa garamazdan, Sähet Resul aganyň ýol söküp, ýurt baryny görendigine gözügidijilik bilen garardy.
Aý aýlanyp, günler geçip dur. Göräýmäge, üýtgeýän zat ýok. Kitap dükanynyň söwdasy şowlap, girdejiler mese-mälim artypdy. Begenjine iki bolup bilmeýän Salyh hojaýynyň tizräk gelip,

berekellalaryny ýetirerine howlugýardy. Ol öz ýoldaşynyň käbir kitaby müşderilere on esse bahasyna satyp bilşine haýranlar galýardy. Onsoň ol Sähedi nirede oturdyp, oňa nähili hezzet etjegini bilenokdy.
Gurtmyradyň söwdasy halys ýöremänsoň, ol indi satýan harytlaryny seljerjegem, işini azda-kände ugrukdyrmagyň alajyny gözlejegem bolanokdy. Iki dirhem peýda gördügem bes, göni Sähediň ýanyna gaýdar: «Ýör, dost, bakgalyňka. Gowrulan balykdan bir garny gözäli». Şahandaz dostunyň ýuwaş-ýuwaşdan biweç-bigänä öwrülişini synlamak degnasyna degen Sähet ahyry bir gün ýaryldy:
— Bolşuň şu bolsa, halypa, oba barmaga-da, bärde galmaga-da ýüzüň bolmaz. Hajy aga saňa dükan açyp berdi, dünýe malyny ynandy. Sen bolsa satyan harydyň nyrhynam zordan bilýäň. Bar aladaň gara garnyň. Dilsiz-agyzsyz mahlukdan tapawudyň galmady.
Hemişe ýylgyryp ýören dostundan beýle kötege garaşmadyk Gurtmyradyň ýüzi gara-ört boldy. Dyňzap gelen gaharyna zordan basalyk beren dyzmaç ýigidiň düşünişmekçi bolmasam yol almady. Sähet oňa asla agzyny açmaga-da maý berenokdy. Azaşan sözüň soňy gyzylýumruga ýazdy. Depişip-basalaşyp, ýatak jaýlarynyň gap-gajyny kül-owram edensoňlar, olar giň howla çykdylar. Sähet, göräýmäge, çepiksije bolsa-da, dostunyň düýäň dabany ýaly ýumruklaryndan çeýelik bilen sowlup, garşysyna emel ulanybam ýetişýärdi. Ol ahyry çemine getirip, çopan badagyny atdy. Ýöne güýji garşydaşynyňkydan asgynrak gelensoň aýagyny sypdyrdy-da, çilşirme emeline geçdi. Gurtmyradam bil tutuşmany bu gün görmeli dal. Garşydaşyny goşarlap, yza serpdirmän, öňlügine gaýdyp ugrady. Sähet içden çilşiren sag aýagyny has ýokary galdyryp, ýerde duran ýeke aýagynda daşgynlygyna böküp, Gurtmyradyň göwresini öz aşagyna burdy. Ine, onuň soňky hereketleri garşydaşynyň deňagramlygyny ýitirmesine getirdi. Sag dulugy ýere sydyrdyp giden Gurtmyradyň kuwwatly goşarlarynyň çigmesi ýazyldy. Bu tutluşyk hakyky göreş bolanlygynda emin gelip, ýeňijini yglan ederdi. Emma töwerekde emin-ä däl, hat- da ýekeje tomaşaçam ýokdy. Şoňa görä-de, Sähet ahmyrly galan garşydaşynyň aýak üstüne galarynyň öňüni

almalydy. Ol garşydaşyny aýňalmaga goýmady. Dessine döşüne artlanyp, bokurdagyna ýapyşdy. Gurtmyrat dyzaberse, Sähet onuň demligini gysyp ugraýardy. Esli wagtdan soň dostunyň demalgyjyny goýberen Sähet gyraraga çekilip, göwresini ýere goýberdi. Aýagynda-elinde ysgyn-mydar galmadyk kitapçynyň bu basalaşykda alan urgularyndan ýaňa ýüzi- gözi çişipdi. Bir gözi ýumulara gelip, ikinjisem biteňkirläp barýardy. Bir-birlerine seredip, boýunlaryny aşak sallan oglanlar eden işlerine indi ökündiler. Hasam beter Gurtmyrat ahmyr edýärdi, sebäbi onuň diñe sesi gyryldy diýäýmeseň, irimçik ýigidiň süňklek ýüzünde ýaňyja bolan tutluşygyň yzy görnenokdy.

…Ýer dyrmalap, içlerini hümledişip oturan oglanlaryň bu ýere gelip düşmeklerine Durun galasyndaky maslahat sebäp bolupdy. Kesearkajyň kethudalarynyň tutan ol geňeşi barada Gurtmyrat daşgulakdan eşiden bolsa, Sähet şol wakanyň änigine-şänigine ýetikdi, sebäbi maslahata onuň kakasy Gurbanýaz argyşçy hem gatnaşypdy…

---

[1]*metbe – neşirleri çap etmek işini alyp barýan edara, çaphana.*

Romanlar